**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**
**K A R A R Y**

«13» Gorkut 2005 ý. № 7367 Aşgabat ş.

I-4-ж

**Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň işini kämilleşdirmek hakynda**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2005 ý., № 7, 337-madda)

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2009 ý. çykaran № 10717 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň işini kämilleşdirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Wizalaryň berlişine gözegçilik baradaky Toparyň işiniň tertibi hakyndaky Düzgünnamany;

Daşary ýurt raýatlaryny Türkmenistana wagtlaýyn işe çagyrmagyň tertibi hakyndaky Düzgünnamany;

Türkmenistanyň konsullyk ýygymlaryny almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamaly (goşulýar).

2. "Daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana gelmeginiň, ondan gitmeginiň we onda bolmagynyň tertibini kämilleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2003-nji ýylyň Baýdak aýynyň 21-nde çykaran № 6135 karary (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2003-nji ýyl, № 2, 103-nji madda) bilen tassyklanylan, Daşary ýurt raýatlaryny Türkmenistana wagtlaýyn işe çagyrmagyň tertibi hakyndaky Düzgünnamany;

"Ygtyýarmamalary resmileşdirmegiň we bermegiň tertibini kämilleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2004-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 23-nde çykaran № 7007 kararynyň 4-nji bölüminiň "d" kiçi bölümini we şu karar bilen tassyklanylan Türkmenistanyň konsullyk ýygymlaryny almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnamany;

"Ygtyýarnamalaryň berlişine gözegçilik baradaky Toparyň işiniň tertibi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2005-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 29-nda çykaran № 7084 kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Saparmyrat Türkmenbaşy**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2005-nji ýylyň Gorkut aýynyň 13-nde
çykaran № 7367 karary bilen
tassyklanyldy

**Wizalaryň berlişine gözegçilik baradaky Toparyň işiniň tertibi hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2009 ý. çykaran № 10717 we 11.05.2010 ý. çykaran № 11056 kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

1. Şu Düzgünnama wizalaryň berlişine gözegçilik baradaky Toparyň (mundan beýläk - Topar) işiniň tertibini düzgünleşdirýär hem-de onuň işiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

2. Topar işiniň esasy daşary ýurt raýatlaryna hem-de raýatlygy ýok adamlara (mundan beýläk - daşary ýurt raýatlary) wizalar bermek hakyndaky meselelere garamak bolup durýan döwlet

pudagara edarasydyr.

3. Topar öz işinde Türkmenistanyň Konstitutsiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini, halkara şertnamalaryny we şu Düzgünnamany goldanýar.

4. Topar Başlykdan, onuň orunbasaryndan we agzalaryndan ybaratdyr. Toparyň düzümini Türkmenistanyň Prezidenti tassyklaýar.

Toparyň düzümine wezipesi boýunça şular girýär:

Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy (Toparyň başlygy),

Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygynyň orunbasary (Toparyň başlygynyň orunbasary),

Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministriniň orunbasary,

Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygynyň orunbasary,

Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary,

Türkmenistanyň Adalat ministriniň orunbasary,

Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň orunbasary.

5. Toparyň esasy wezipeleri:

Türkmenistanda göçmek işlerini düzgünleşdirmek;

Türkmenistanda milli howpsuzlygy, kanunylygy we hukuk taýdan tertibi üpjün etmek;

daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana bikanun gelmeginiň öňüni almak;

wiza ýüztutmalaryna garalan mahaly degişli pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrmak bolup durýar.

6. Topar öz üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda şu işleri ýerine ýetirýär:

daşary ýurt raýatlaryna geliş hem-de gidiş wizalaryny berýär hem-de olaryň hereketiniň möhletlerini uzaldýar;

daşary ýurt raýatlaryna Türkmenistanda ýaşamak üçin Türkmenistana gelmäge rugsatnamalary berýär;

adamlara Türkmenistandan hemişelik ýaşamak üçin beýleki ýurtlara gitmäge rugsatnamalary berýär;

wizalary bermek işiniň ýagdaýyny seljerýär we bu ugurdaky ähli meseleleri düzgünleşdirýär;

Toparyň ygtyýarlygyna degişli meseleler boýunça şahsy adamlar we edara görnüşindäki taraplar üçin ündemeleri işläp taýýarlaýar;

şahsy adamlaryň we edara görnüşindäki taraplaryň wizalary bermek meseleleri boýunça ýüztutmalaryna garaýar hem-de wiza ýüztutmalaryna garamak bilen baglanyşykly işi kämilleşdirmek boýunça teklipleri ministrliklere we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna hödürleýär.

Topar öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistanda bolmagyna degişli beýleki meselelere hem garap biler.

7. Toparyň öz üstüne ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin zerur maglumatlary edara görnüşindäki taraplardan we şahsy adamlardan soramaga hem-de almaga;

öz ygtyýarlygyna girýän meseleler boýunça işi amala aşyrmak üçin degişli ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandryş edaralarynyň hünärmenlerini çekmäge;

milli howpsuzlygy, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmek maksady bilen, zerur halatlarda daşary ýurt raýatlary üçin Türkmenistanyň çäkleri boýunça bolmaly anyk ýerlerini we olaryň hereket etmeli ugurlaryny kesgitlemäge hukugy bardyr.

8. Daşary ýurt raýatlaryna wizalary bermek we olaryň möhletini uzaltmak hakynda Toparyň mejlislerinde garamak üçin namalary Türkmenistana ýaşamaga gelmek we Türkmenistandan beýleki ýurtlara hemişelik ýaşamaga gitmek üçin rugsatnamalary (mundan beýläk - wiza maglumatlary) bellenilen tertipde Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy taýýarlaýar.

9. Topar mejlislerini dynç günlerden we baýramçylyk günlerinden başga, her gün geçirýär. Toparyň mejlisleri başlygyň ýolbaşçylygynda, ol ýok mahaly bolsa - onuň orunbasarynyň ýolbaşçylygynda geçirilýär. Çözgütler sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär, şunda Toparyň agzalarynyň aýratyn garaýşa hukugy bardyr. Toparyň her agzasy mejlislerde garalýan wiza maglumatlary boýunça rugsatnamalary bermegiň maksada laýyklygyna degişli öz pudaklaýyn

edarasynyň garaýşyny beýan edýär.

Pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan birinde anyk mesele boýunça nägilelikler bar mahaly olaryň mazmuny şu pudaklaýyn edarasynyň wekili tarapyndan dilden beýan edilýär, namalarda bolsa kabul edilen çözgüt hakynda ýazmaça bellik edilýär.

Rugsatnamalary bermek mümkinçiligi hakynda pikirler çapraz gelen halatda garalýan wiza maglumatlary boýunça Toparyň agzalary bellenilen möhletlerde gutarnykly çözgüdi kabul etmek üçin goşmaça namalary talap edýär. Toparyň mejlislerinde garalýan maglumatlar aýan edilmäge degişli däldir.

10. Topar wiza maglumatlaryna garamagyň netijeleri boýunça şu çözgütleri çykarýar:

Türkmenistana gelmek üçin wizalary almaga rugsat bermek ýa-da onuň hereketiniň möhletini uzaltmak hakynda;

Türkmenistana gelmek üçin wizalary almakdan ýa-da onuň hereketiniň möhletini uzaltmakdan boýun gaçyrmak;

Türkmenistana ýaşamak üçin gelmäge rugsatanama bermek ýa-da ony bermekden boýun gaçyrmak hakynda;

Türkmenistandan beýleki döwletlerde ýaşamak üçin gitmäge rugsatnamalary bermek ýa-da ony bermekden boýun gaçyrmak hakynda.

Aýry-aýry halatlarda Topar berlen wiza maglumatlaryna garamagy gaýra goýup we olary goşmaça öwrenmek ýa-da Türkmenistanyň degişli ministilikler hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen ylalaşmak üçin iberip biler.

11. Topar daşary ýurt raýatlaryna wizalary bermek boýunça şu namalara ilkinji nobatda garaýar:

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylan, Türkmenistanyň aýratyn möhüm syýasy, söwda-ykdysady we medeni taslamalaryny, şeýle hem Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalaryny durmuşa geçirmek üçin Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň örän gyssagly we gyssagly wiza ýüztutmalaryna;

daşary ýurt döwletleriniň we halkara guramalarynyň diplomatik (ýa-da şolara deňleşdirilen) wekilçilikleriniň gyssagly wiza ýüztutmalaryna;

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik (ýa-da şolara deňleşdirilen) wekilçilikleriniň gyssagly wiza ýüztutmalaryna;

raýat ýagdaýynyň namalaryny ýerine ýetirmek, ynsanperwer häsiýetli gaýragoýulmasyz ýagdaýlar, şeýle hem agyr kesel ýa-da maşgalanyň agzasynyň ýa-da ýakyn garyndaşyň aradan çykmagy bilen baglanyşykly gaýragoýulmasyz beýleki ýagdaýlara.

Topar aýratyn halatlarda wiza maglumatlaryna örän gysga möhletlerde gyssagly tertipde garamaga haklydyr.

12. Toparyň wizalary bermek meseleleri boýunça çözgütleri bellenilen nusgadaky teswirnama bilen resmileşdirilýär, oňa Toparyň agzalary gol çekýär. Garalan wiza maglumatlary mejlisleriň teswirnamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we oňa goşulýar. Teswirnamalar Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Wiza we rugsatnamalary beriş bölümine berilýär hem-de garalan wiza maglumatlary bilen bilelikde wizalary bermek üçin esas bolup durýar. Teswirnamalar Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynda 3 ýylyň dowamynda saklanylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2005-nji ýylyň Gorkut aýynyň 13-nde
çykaran №7367 karary bilen
tassyklanyldy

**Daşary ýurt raýatlaryny Türkmenistana wagtlaýyn işe**
**çagyrmagyň tertibi hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2009 ý. çykaran № 10717 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Düzgünnama daşary ýurt raýatlaryny Türkmenistana wagtlaýyn işe çagyrmak üçin rugsatnamalary bermegiň we olaryň hereket edýän möhletini uzaltmagyň şertlerini hem-de tertibini kesgitleýär.

2. Daşary ýurt raýatlaryny Türkmenistana wagtlaýyn işe çagyrmagy Türkmenistanyň eýeçiligiň ähli görnüşindäki kärhanalary, daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen kärhanalary we olaryň bölümleri hem-de wekilçilikleri, şeýle hem Türkmenistanyň hakynatutma işgärleriň zähmetini peýdalanýan şahsy adamlary (mundan beýläk-iş beriji) Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna laýyklykda amala aşyrýar.

3. Daşary ýurt raýatlaryny Türkmenistana wagtlaýyn işe çagyrmak üçin rugsatnamalary bermek ýa bolmasa bermekden ýüz döndermek hem-de şol rugsatnamalaryň hereket edýän möhletini uzaltmak hakyndaky çözgütleri Daşary ýurt raýatlaryny wagtlaýyn işe çagyrmagyň tertibiniň berjaý edilişine gözegçilik etmek baradaky topar (mundan beýläk - Topar) kabul edýär. Toparyň düzümini Türkmenistanyň Prezidenti tassyklaýar.

Toparyň düzümine wezipesi boýunça şu aşakdakylar girýär:

Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy (Toparyň başlygy),

Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygynyň orunbasary (Toparyň başlygynyň orunbasary),

Türkmenistanyň Syýahatçylyk we sport baradaky döwlet komitetniň başlygy,

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy, Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasary, Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň orunbasary, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministriniň orunbasary, Türkmenistanyň Gurluşyk we gurluşyk materiallary senagaty ministriniň orunbasary.

Toparyň çözgüdi esasynda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy iş berijä daşary ýurt raýatlaryny wagtlaýyn işe çagyrmaga we kabul etmäge rugsatnamany hem-de daşary ýurtly işgäre Türkmenistanda işlemäge bolan hukuga tassyknamany berýär, olara şol Gullugyň başlygy gol çekýär.

4. Hödürlenilen resmi namalara garamak we şolar esasynda iş berijä daşary ýurt raýatlaryny wagtlaýyn işe çagyrmaga rugsatnama bermek hakynda çözgüt kabul etmek, şeýle hem zähmet hakyndaky kanunlaryň berjaý edilişine gözegçiligi üpjün etmek Toparyň esasy wezipesi bolup durýar.

Türkmenistana hünäri boýunça işlemek maksady bilen gelýän daşary ýurt raýatlary, şol sanda edara görnüşindäki tarapy döretmän hem-de hasaba alyş şahadatnamalary boýunça işleýän telekeçiler Türkmenistanyň çäklerinde iş berijä berlen rugsatnamalar esasynda hem-de olaryň adyna berlen tassyknamalar bar mahaly işlemäge haklydyr.

5. Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy rugsatnamalary beren mahaly boş iş orunlaryny eýelemäge Türkmenistanyň raýatlarynyň artykmaç hukugy baradaky ýörelgä, şeýle hem kärhanada işleýän Türkmenistanyň raýatlarynyň we daşary ýurt raýatlarynyň bellenilen mynasybetine eýelemäge borçludyr, daşary ýurt raýatlanynyň sany işgärleriň umumy sanynyň ýüzden 30 böleginden köp bolmaly däldir.

Şunda daşary ýurt raýatlarynyň zähmet şertleri zähmetine hak tölemek we zähmetini goramak, durmuş üpjünçiligi hem-de olary ätiýaçlandyrmak halkara şertnamalary nazara alnyp, Türkmenistanyň kanunlarynyň kadalary bilen kesgitlenilýär.

## II. Rugsatnamalary bermegiň şertleri we tertibi

6. Daşary ýurt raýatlaryny Türkmenistana wagtlaýyn işe çagyrmak üçin rugsatnamalary bermek hem-de olaryň hereket edýän möhletini uzaltmak hakyndaky çözgüt şu Düzgünnamanyň 7-nji bölüminde göz öňünde tutulan resminamalary öwrenmek esasynda kabul edilýär. Resminamalara garamagyň möhleti iş beriji olary beren gününden başlap 30 güne barabardyr.

Eger rugsatnamany bermek hakyndaky çözgüdi kabul etmek üçin goşmaça maglumatlary almak ýa-da goşmaça barlag geçirmek talap edilýän bolsa, çözgüt goşmaça maglumatlar alnandan soň 15 gün möhletde kabul edilýär.

7. Iş beriji rugsatnamany almak we onuň hereket edýän möhletini uzaltmak üçin Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna sanawy Gullugyň başlygy tarapyndan tassyklanylýan resminamalary berýär.

8. Daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana işe çekilmegi üçin iş berijiden işe çekilýän daşary ýurt raýatynyň Türkmenistanda işlän her aýy üçin 25 amerikan dollary möçberde töleg alynýar. Türkmenistanyň Döwlet kärhanalary we guramalary pudagy ösdürmek maksady bilen daşary ýurt işçi güýjüni çeken halatlarynda her bir işlenen aý üçin her bir daşary ýurt raýaty üçin 250 müň manat möçberinde ýa-da şoňa barabar möçberdäki erkin ýörgünli pulda töleg töleýär. Görkezilen töleg Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýär.

9. Daşary ýurt raýatlaryny Türkmenistana işe çagyrmak üçin rugsatnamany bermekden ýa-da onuň hereket edýän möhletini uzaltmakdan ýüz döndermek hakyndaky çözgüt kabul edilenden soň 5 günüň dowamynda ol iş berijä ýazmaça görnüşde iberilýär.

Iş beriji rugsatnamany bermekden ýüz dönderilrmegi bilen ylalaşmadyk halatda, çözgüt barada Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan tertipde kazyýete şikaýat edilip bilner.

Resminamalar daşary ýurt raýatlaryny Türkmenistana işe çagyrmak üçin rugsatnamany bermekden ýüz döndermek barada çözgüt kabul edilen seneden başlap 6 aýyň geçmegi bilen gaýtadan berilýär. Topar aýratyn halatlarda görkezilen möhleti berjaý etmezden, resmi namalara garap biler.

10. Eger:

daşary ýurtly işgär ýerine ýetirilmegi ýokary hünäri, hünär taýýarlygyny ýa-da ýörite bilimleri talap etmeýän işe çagyrylýan bolsa;

iş beriji daşary ýurtly işçi güýjüni işiň öz Tertipnamasynda göz öňünde tutulmadyk görnüşleri bilen meşgullanmak üçin getirýän bolsa;

daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistanda işlemek üçin çagyrylýanlarynyň sany bellenilen möçberden geçýän bolsa;

iş beriji ýa-da daşary ýurtly Türkmenistanyň beýleki kanunlaryny bozsa, rugsatnamany bermekden ýüz dönderilip bilner.

11. Rugsatnama 1 ýyla çenli möhlete berilýär. Rugsatnamanyň möhleti taraplaryň ylalaşmagy boýunça iş berijiniň şu Düzgünnamanyň 7-nji bölüminde göz öňünde tutulan resmi namalary täzeden bermegi bilen, rugsatnamanyň hereket edýän möhletiniň tamamlanmagyna bir aý galanda uzaldylýar. Rugsatnama 6 aýdan köp bolmadyk möhlete uzaldylyp bilner.

Iş beriji daşary ýurt raýatlaryny işe çagyrmak üçin rugsatnama almak we onuň hereket edýän möhletini uzaltmak üçin resmi namalary şu Düzgünnamanyň 7-nji bölümini hem-de bellenilen möhletleri bozmak bilen beren mahaly resmi namalar kabul edilmeýär.

Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary daşary ýurt raýatlaryny wagtlaýyn işe Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň rugsat bermegi bilen çagyrýarlar.

Tassyknama iş berijä berlen rugsatnama laýyk gelýän möhlete berilýär. Tassyknamanyň hereket edýän möhleti şu bölümde bellenilen tertipde uzaldylýar.

12. Rugsatnama başga bir iş berijilere bermäge degişli däldir. Türkmenistanda wagtlaýyn işleýän daşary ýurt raýatyny bir iş berijiden beýlekisine geçirmek Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň rugsat bermegi boýunça mümkindir.

13. Iş beriji şu Düzgünnama bilen bellenilen şertleri, şeýle hem Türkmenistanyň kanunlaryny bozan, şonuň netijesinde Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklary kemsidilen halatda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy ýol berlen bozulmalar düzedilýänçä, wagtlaýyn işe rugsatnama bermekden ýüz döndermek ýa-da rugsatnamanyň hereketini duruzmak hakynda çözgüt kabul edýär. Bozulmalar bellenilen möhletde aradan aýrylmadyk mahaly Toparyň çözgüdi bilen rugsatnama ýatyrylýar.

Iş berijiniň wagtlaýyn işe çagyrmagynyň tertibi we daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistanda bolmagynyň kadalary bozulan halatda olar Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda jogapkärçilik

çekýärler.

Iş berijiniň adamlaryň ölmeginiň ýa-da olaryň saglygyna zelel ýetmeginiň howpunyň döremegine sebäp bolýan hereketi ýa-da hereketsizligi üçin, oňa duýduryş bermezden rugsatnama ýatyrylyp bilner.

Rugsatnama durzulan ýa-da ýatyrylan ähli halatlarda öň tölenilen töleg yzyna gaýtarylmaýar.

14. Iş beriji öz hojalyk işini bes eden ýa-da işgärleriniň sanyny azaltmak boýunça çäreleri amala aşyran halatda, rugsatnama berlen möhletiň haçan tamamlanýandygyna garamazdan, ol hakyky däldir.

15. Hünäri boýunça işlemek maksady bilen Türkmenistana gelen hem-de şu Düzgünnamanyň talaplary bozulyp, wagtlaýyn işe kabul edilen daşary ýurt raýatlary eden kanun bozulmalarynyň agyrlygyna baglylykda edara ediş duýduryşlaryna, jerime salynmaga ýa-da iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna Türkmenistandan çykarylmaga degişlidir.

## III. Zähmet gatnaşyklary

16. Daşary ýurt raýatynyň işleýän möhletiniň dowamlylygy rugsatnamanyň we tassyknamanyň hereket edýän möhletinden uzak bolmaly däldir.

17. Daşary ýurt raýatlary zähmet gatnaşyklary babatda Türkmenistanyň raýatlary bilen deň hukuklardan peýdalanýar we deň borçlary çekýär.

18. Daşary ýurt raýatynyň Türkmenistanyň çäklerinde işlemeginiň tertibi iş beriji bilen daşary ýurt raýatynyň arasynda Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda baglaşylan şertnamanyň (zähmet şertnamasynyň, ylalaşygynyň) şertleri bilen kesgitlenilýär.

19. Şertnamada (zähmet şertnamasynda, ylalaşygynda) şular göz öňünde tutulmaly:

iş beriji we işgär hakyndaky esasy maglumatlar;

şertnamanyň mazmuny, onuň hereket edýän möhleti;

zähmete hak tölemegiň iş wagtynyň we dynç alşyň şertleri;

janyny, saglygyny önümçilikde betbagtçylyk hadysalary babatda ätiýaçlandyrmagyň şertleri;

taraplaryň borçnamalary ýerine ýetirmegi we jogapkärçiligi;

zähmet jedellerini çözmegiň usullary.

Şertnamanyň beýleki şertlerini taraplar kesgitleýär.

20-nji bölümi Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2009 ý. çykaran № 10717 karary esasynda aýyrylan.

## IV. Jemleýji düzgünler

21. Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy Türkmenistanda wagtlaýyn işleýän daşary ýurt raýatlarynyň hasabyny ýöredýär, olaryň işe ýerleşmeginiň kanunylygyny hem-de zähmet gatnaşyklaryny berjaý etmegini barlaýar, ol şol daşary ýurt raýatlarynyň hünär derejesi taýdan düzümi, bolmagynyň möhletleri hakynda her çärýekde Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligine, Türkmenistanyň Milli döwlet hasabaty we maglumatlar institutyna anyk iş berijiler hakyndaky maglumatlary görkezmek bilen berýär.

22. Rugsatnamalary we tassyknamalary bermegiň şu Düzgünnama bilen bellenilen hökmany tertibi:

bosgunlar diýlip resmi taýdan ykrar edilenler;

Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama alan adamlar (ýa-da Türkmenistanda hemişelik ýaşaýandygy barada pasportynda ýazgysy bolan daşary ýurt raýatlary);

bosgun diýen hukuk derejesiniň berilmegi hakynda towakganama beren we wagtlaýyn ýaşamak üçin rugsatnama alan adamlar;

daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistanda resmi taýdan ykrar edilen diplomatik wekilçilikleriniň we konsullyk edaralarynyň, şeýle hem halkara guramalarynyň işgärleri;

halkara ylalaşyklaryna laýyklykda döredilen edaralarda Türkmenistanyň çäklerinde işleýän bolsa halkara, ynsanperwerçilik, haýyr-sogap guramalarynyň resmi wekilleri, ylym, bilim we

medeniýet işgärleri;

Türkmenistanda resmi taýdan ykrar edilen habarçylar we žurnalistler;

Türkmenistanyň çäklerinde resmi taýdan hasaba alnan dini guramalarda we jemgyýetlerde hünäri boýunça işleýän dini işgärler;

leksiýa okamak üçin Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşyp çagyran lektorlary hem-de gözükdirijileri;

22-nji bölümiň onunjy bendi Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2009 ý. çykaran № 10717 karary esasynda aýyrylan.

halkara ylalaşyklarynda özleri üçin işe ýerleşmegiň başga tertibi kesgitlenilen adamlar bolup durýan daşary ýurt raýatlary barada ulanylmaýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2005-nji ýylyň Gorkut aýynyň 13-nde
çykaran № 7367 karary bilen
tassyklanyldy

**Türkmenistanyň konsullyk ýygymlaryny almagyň tertibi hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2009 ý. çykaran № 10717 we 11.05.2010 ý. çykaran № 11056 kararlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň konsullyk ýygymlaryny almagyň tertibini düzgünleşdirýär, şeýle hem şol ýygymlaryň möçberlerini belleýär.

2. Konsullyk ýygymlary (mundan beýläk - ýygymlar) Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplaryndan hem-de şahsy adamlaryndan, şeýle hem raýatlygy ýok adamlardan olaryň bähbitlerine konsullyk işleriniň geçirilmegi we hukuk ähmiýeti bolan resmi namalaryň berilmegi üçin alynýar. Ýygymlary Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy we onuň ýerlerdäki birlikleri, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilçilikleri we konsullyk edaralary alýar.

3. Ýygymlar Türkmenistanyň kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalaryna, şeýle hem şu Düzgünnama laýyklykda alynýar.

4. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň hem-de daşary ýurt döwletleriniň ähli edara görnüşindäki taraplary we şahsy adamlary üçin ýygymlary almagyň şertlerini hem-de möçberlerini kesgitleýär. Türkmenistanda ýaşamaga ygtyýarnamasy bolan daşary ýurt raýatlaryndan we raýatlygy ýok adamlardan ýygymlar Türkrnenistanyň raýatlaryndan alynýan möçberlerde alynýar.

Arza berijiden ýygym konsullyk işleri geçirilmänkä alynýar.

Aýry-aýry halatlarda ýygymy tölemegiň möhleti ony alýan edara tarapyndan bellenilip bilner. Ýygymy tölemekden boýun gaçyrylan ýa-da töleg eglenilen halatda konsullyk işlerini geçirýän edara olary geçirmekden boýun gaçyryp ýa-da olaryň geçirilmegini gaýra goýup biler.

5. Aýratyn halatlarda öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi we Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy, şeýle hem Türkmenistanyň diplomatik wekilçilikleriniň we konsullyk edaralarynyň ýolbaşçylary Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi we Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy bilen ylalaşyp, aýry-aýry adamlaryň towakganamalary, Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplarynyň we şahsy adamlarynyň, daşary ýurtlaryň daşary işler ministrlikleriniň, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilçilikleriniň we konsullyk edaralarynyň hem-de halkara guramalarynyň towakganamalary boýunça, şeýle hem daşary ýurtlaryň wekiliýetleriniň bolmagynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti ýa-da

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan tassyklanylan maksatnamalary esasynda şol adamlardan alynýan ýygymlaryň möçberlerini azaltmaga ýa-da şol ýygymlary almazlyga haklydyr.

Ýygymlary tölemekden boşadylan halatda konsullyk işlerini hasaba almagyň kitabynda degişli bellik edilýär.

6. Türkmenistanyň raýatlaryndan, Türkmenistanda ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryndan we raýatlygy ýok adamlardan bolan ähli toparlardaky maýyplara, Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylara we şolara deňleşdirilen adamlara konsullyk işleriniň ýerine ýetirilmegi üçin ýygymlaryň möçberleri 50 göterim azaldylýar.

7. Şular üçin ýygymlar alynmaýar:

a) Türkmenistanyň raýatlaryna diplomatik pasportlaryň resmileşdirilmegi üçin;

b) Türkmenistanyň we bolunýan döwlet gatnaşyjysy bolan konsullyk ýygymlaryny almazlyk baradaky halkara şertnamasy ýa-da ylalaşygy bar mahaly;

ç) diplomatik we gulluk pasportlary bolan daşary ýurt raýatlaryna ygtyýarnamalaryň özara esasda berilmegi üçin;

d) güzeran üçin serişdesi ýok, ýurtdan çykarylmaga degişli, tussag ýerlerinden boşadylan, şeýle hem puluny we resmi namalaryny ýitiren daşary ýurt raýatlary ygtyýarly edaralaryň beren resmi namalary (delilhatlary) esasynda konsullyk işleri üçin ýygymlary tölemekden özara esasda boşadylyp bilner;

e) Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynda we buýruklarynda göz öňünde tutulan halatlarda.

8. Konsullyk işleriniň geçirilmegi we hukuk ähmiýetli resmi namalaryň berilmegi üçin daşary ýurt döwletleriniň şahsy adamlaryndan we edara görnüşindäki taraplaryndan ýygymlar alnan mahaly ikitaraplaýynlyk ýörelgesini berjaý etmek maksady bilen, şol ýygymlaryň möçberleri daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilçilikleriniň we konsullyk edaralarynyň Türkmenistanyň şahsy adamlaryndan we edara görnüşindäki taraplaryndan şuna meňzeş konsullyk işleriniň geçirilmegi üçin alýan ýygymlaryny hasaba almak bilen üýtgedilip bilner.

Olaryň möçberlerini Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Ministler Kabineti belleýär.

9. Konsullyk işleriniň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly hakyky çykdajýlar Türkmenistanyň Daşary işler ministriginiň we Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan işlenilip taýýarlanylan we tassyklanylan nyrhlara laýyklykda öwezini dolmaga degişlidir.

Hakyky çykdajylar diýlende konsullyk işleri geçirilen mahaly ýüze çykýan poçta, telegraf, telefon, ulag, kanselýariýa we beýleki islendik goşmaça çykdajylary öz içine alýan maddy harajatlar göz öňünde tutulýar.

Hakyky çykdajylaryň öwezini dolmagyň hasabyna alynýan pul ýygymlaryň möçberine goşulmaýar.

10. Konsullyk işleriniň geçirilmegi üçin alynýan serişdeler (ýygym we hakyky çykdajylaryň öwezini dolmagyň hasabyna alynýan pul) bellenilen tertipde Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, şeýle hem Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilçilikleriniň we konsullyk edaralarynyň hasaplaryna geçirilýär.

Degişli edaralaryň wezipeli adamlary ýygymlaryň dogry alynmagy üçin, şeýle hem ýygymlaryň Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilçilikleriniň we konsullyk edaralarynyň hasaplaryna wagtynda hem-de dolulygyna geçirilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

Şol hasaplara pul serişdeleri Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenilen tertipde geçirilýär.

11.Konsullyk işleri resmi namalar olary ýerine ýetirýän edara gowşan pursatdan başlap 10 senenama gynüň dowamynda geçirilýär. Konsullyk işlerini 3 iş gününiň dowamynda gyssagly geçirilmegi üçin, şeýle hem konsullyk işleriniň işden daşary wagtda, dynç alyş we baýramçylyk günlerinde geçirilmegi üçin alynýan ýygymlaryň möçberi 100 göterim artdyrylýar.

12. Konsullyk işleriniň arza berijiniň ýaşaýan ýerinde geçirilmegi üçin ýygymlar iki esse möçberde alynýar. Şunda arza beriji konsulyň şu işleri ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly hakyky çykdajylarynyň, şol sanda myhmanhanada ýaşamak üçin töleginiň we iş sapary çykdajylarynyň öwezini hem dolýar.

13.Ýygymlaryň tölenilmegi baradaky nyrhnama ilkinji resmi nama we berk hasabatda durýan blank bolup durýar, onuň görnüşi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşylýar.

Nyrhnama iki nusgada resmileşdirilýär. Onuň bir nusgasy gönüden-göni towakganama berýän tarapa berilýär, beýlekisi nyrhnama resmileşdirilen edarada galýar.

14. Şu Düzgünnamada ýygymlaryň möçberleri:

Türkmenistanyň şahsy adamlary we edara görnüşindäki taraplary üçin resmi namalar Türkmenistanyň çäklerinde resmileşdirilende-de Türkmenistanda durmuş we beýleki tölegleri, salgytlary, ýygymlary, paçlary we jerimeleri hasaplamak üçin bellenen binýatlyk möçberiň paýlarynda;

Türkmenistanyň şahsy adamlary we edara görnüşindäki taraplary, şeýle hem Türkmenistanda ýaşamaga ygtyýarnamasy bolan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar üçin resmi namalar daşary ýurtlarda resmileşdirilende- amerikan dollarlarynda;

daşary ýurt döwletleriniň şahsy adamlary we edara görnüşindäki taraplary üçin - şu Düzgünnamanyň 23-nji we 25-nji bölümlerinde görkezilenden başga aýratyn halatlarda amerikan dollarlarynda görkezildi.

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilçilikleri we konsullyk edaralary arza berijiden ýygymlary we özüniň hakyky çykdajylarynyň öwezini dolmany bolunýan ýurduň pulunda ýa-da islendik erkin ýörgünli pulda namalar resmileşdirilen günde dollaryň degişli döwlet hümmeti boýunça alýar.

Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek we raýatlygynda dikeltmek hakyndaky namalary, şeýle hem Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamalary resmileşdirýän daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar babatda konsullyk işleri olarda degişli edaralardan tassyklaýjy resmi namalar bar mahaly ýygymlar resmileşdirilen günde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hümmeti boýunça manatlarda alnyp amala aşyrylýar.

15. Çykdajylarynyň sanawlary ýewroda tassyklanylýan Ýewropa Birleşiginiň ýurtlaryndaky Türkmenistanyň diplomatik wekilçilikleri we konsullyk edaralary konsullyk ýygymlaryny şu Düzgünnamada konsullyk ýygymlaryny almak üçin amerikan dollarlarynda kesgitlenilen möçberlerde ýewrolarda alýar we hakyky çykdajylaryň öwezini dolmagy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen hakyky çykdajylaryň öwezini dolmak üçin amerikan dollarlarynda kesgitlenilen möçberlerde ýewrolarda amala aşyrýar.

## II. Türkmenistanyň raýatlaryna, şeýle hem Türkmenistanda ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara namalaryň resmileşdirilmegi üçin ýygymlar

16. Türkmenistanyň raýatlaryna, Türkmenistanda ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara daşary ýurda gitmäge namalaryň resmileşdirilmegi üçin Türkmenistanda durmuş we beýleki tölegleri, salgytlary, ýygymlary, paçlary we jerimeleri hasaplamak üçin bellenilen binýatlyk möçberiň aşakda görkezilen paýlarynda ýygymlar alynýar:

a) daşary ýurtlara hemişelik ýaşamak üçin gidiş namalaryny resmileşdirmek hakyndaky arzalaryň kabul edilmegi we basaba alynmagy üçin - 0,1;

b) raýatlygy ýok adamlaryň şahsyýet namalarynyň resmileşdirilmegi üçin-0,7;

ç) ygtyýarnamalaryň berilmegi hakynda resmi hatyň düzülmegi we daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilçilikierine ýa-da konsullyk edaralaryna iberilmegi üçin-0,2;

d) ygtyýarnamararyň berilmegini çaltlandyrmak barada daşary ýurt döwletiniň diplomatik wekilçiligine ýa-da konsullyk edarasyna goşmaça ýüz tutulmagy üçin -0,2;

e) Türkmenistanyň gulluk pasportynyň ilkinji gezek berilmegi ýa-da çalşyrylmagy üçin-0,2.

17. Türkmen - Eýran serhedinden ýönekeýleşdirilen tertipde geçmek üçin Türkmenistanyň

raýatlarynyň namalarynyň resmileşdirimegi üçin Türkmenistanda durmuş we beýleki tölegleri, salgytlary, ýygymlary, paçlary we jerimeleri hasaplamak üçin bellenen binýatlyk möçberiň aşakda görkezilen paýlarynda ýygymlar alynýar:

a) namalaryň resmileşdirilmegi hakyndaky arzalaryň kabul edilmegi hem-de hasaba alynmagy üçin -0,1;

b) içlikleriň ilkinji gezek berilmegi ýa-da çalşyrylmagy üçin - 0,3;

ç) çagalaryň içlige ýazylmagy ýa-da ondan çykarylmagy üçin - 0,15;

d) gitmek senesiniň resmileşdirilmegi ýa-da uzaldylmagy üçin- 0,15;

e) içligiň güýjüniň möhletiniň uzaldylmagy üçin - 0,2;

ä) şahsy ulagda gitmegiň resmileşdirilmegi üçin - 0,2.

18. Türkmenistanyň raýatynyň pasporty ýitirilen halatda Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilçilikleriniň we konsullyk edaralarynyň gaýtmak üçin şahadatnamararynyň resmileşdirilmegi üçin -15 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

### III. Daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň gidiş namalarynyň resmileşdirilmegi üçin ýygymlar

19. Wizalary resmileşdirmek üçin şu möçberlerde ýygymlar alynýar:

a) adaty wizalar

10 gije-gündize çenli - 20 amerikan dollary;

20 gije-gündize çenli - 30 amerikan dollary;

1 aýa çenli -40 amerikan dollary;

soňraky her aý üçin - 30 amerikan dollary;

b) köp gezeklik wizalar

1 aýa çenli - 60 amerikan dollary;

soňraky her aý üçin - 40 amerikan dollary;

ç) wizalary uzaldylmagy üçin:

adaty wizalar

10 gije-gündize çenli - 20 amerikan dollary;

20 gije-gündize çenli - 30 amerikan dollary;

1 aýa çenli - 40 amerikan dollary;

soňraky her aý üçin - 30 amerikan dollary;

köp gezeklik wizalar

1 aýa çenli - 60 amerikan dollary;

soňraky her aý üçin - 40 amerikan dollary;

d) bir gezeklik 5 güne çenli üstaşyr geçmäge wizalar üçin - 20 amerikaň dollary;

iki gezeklik her bir sapary 5 güne çenli üstaşyr geçmäge wiza üçin - 40 amerikan dollary;

e) Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky halkara howa menzilinde şu Düzgünnamanyň 8-nji bölüminde agzalan ýagdaýlardan başga halatlarda goşmaça -50 amerikan dollary alynýar;

20. Daşary ýurt raýatlarynyň ýaşamaga Türkmenistana gelmek baradaky towakganamalarynyň resmileşdirilmegi üçin-30 amerikan dollary;

daşary ýurt raýatlarynyň ýaşamaga Türkmenistana gelmäge rugsatnamalarynyň resmileşdirilmegi üçin - 50 amerikan dollary;

Türkmenistanda bolunýan ýere goşmaça barmak we ondan gitmek üçin daşary ýurt raýatlaryna wizanyň resmileşdirilmegi üçin - 20 amerikan dollary;

daşary ýurt raýatlarynyň wizalaryna haýsydyr bir üýtgetmeleriň girizilmegi ýa-da ozal resmileşdirilen wizanyň köne pasportdan täzesine geçirilmegi üçin -15 amerikan dollary möçberde

ýygym alynýar.

21. Içlikler boýunça Türkmenistana gelen Eýranyň raýatlaryndan bolmagyň möhletiniň :

10 gije-gündize çenli uzaldylmagy üçin - 20 amerikan dollary;

20 gije-gündize çenli uzaldylmagy üçin - 40 amerikan dollary;

30 gije-gündize çenli uzaldylmagý üçin - 60 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

22. Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlaryndan we raýatlygy ýok adamlardan ýygymlar şu tertipde alynýar:

7 ýaşa çenli çagalar ýygymlary tölemekden boşadylýar;

7-den 16-y ýaşa çenli çagalar üçin ýygymlaryň möçberi 50 göterim azaldylýar;

maşgalanyň galan agzalaryndan ýygym doly möçberde alynýar.

## IV. Daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň Türkmenistana çakylygynyň resmileşdirilmegi üçin ýygymlar

23. Türkmenistanyň kärhanalarynyň, edaralarynyň, guramalarynyň, şol sanda bilelikdäki kärhanalaryň towakganamalary boýunça çakylyklar resmileşdirilen mahaly resmi namada görkezilen her bir daşary ýurt raýatyndan we raýatlygy ýok adamdan -1,0 we hakyky çykdajylar üçin - 0,2 möçberde ýygym alynýar.

Şu bölümde görkezilen ýygymlaryň we hakyky çykdajylaryň möçberleri Türkmenistanda durmuş we beýleki tölegleri, salgytlary, ýygymlary, paçlary we jerimeleri hasaplamak üçin bellenen binýatlyk möçberiň paýlarynda bellenilýär.

24. Türkmenistanyň çäklerinde işleýän daşary ýurt kärhanalarynyň, edaralarynyň, guramalarynyň, olaryň şahamçalarynyň we wekilçilikleriniň towakganamalary boýunça çakylyklar resmileşdirilen mahaly resmi namada görkezilen her bir daşary ýurt raýatyndan we raýatlygy ýok adamdan - 25 amerikan dollary we hakyky çykdajylar üçin -10 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

25. Çagaly daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň çykdajylary hususy adamlar (Türkmenistanda hemişelik ýaşamak üçin wizalary ýa-da hemişelik ýazgysy bolan Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar) tarapyndan resmileşdirilende:

a) towakganamalaryň kabul edilmegi we resmileşdirilmegi üçin -0,1;

b) çakylyklaryň resmileşdirilmegi üçin-0,7;

ç) çagalaryň çakylyga ýazylmagy üçin - her çaga 0,3 möçberde ýygym alynýar.

Şu bölümde görkezilen ýygymlaryň möçberleri Türkmenistanda durmuş we beýleki tölegleri, salgytlary, ýygymlary, paçlary we jerimeleri hasaplamak üçin bellenen binýatlyk möçberiň paýlarynda bellenilýär.

## V. Daşary ýurtlarda raýatlygyň resmileşdirilmegi üçin ýygymlar

26.Towakganamanyň resmileşdirilmegi:

Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilmegi hakyndaky towakganama üçin - 100 amerikan dollary

Türkmenistanyň raýatlygyndan çykmak hakyndaky towakganama üçin - 50 amerikan dollary

Türkmenistanyň raýatlygynda dikeltmek hakyndaky towakganama üçin - 75 amerikan dollary

Ata-enäniň  çagalar üçin raýatlygy seçip almak hakyndaky bilelikdäki arzalarynyň resmileşdirilmegi üçin - 50 amerikan dollary

Türkmenistanyň raýatlygyna degişliligi hakyndaky degişli resmi namalaryň resmileşdirilmegi üçin - 25 amerikan dollary

möçberde ýygym alynýar.

## VI. Daşary ýurtlarda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistanyň raýatynyň pasportynyň resmileşdirilmegi we berilmegi üçin ýygymlar

27. Daşary ýurtlarda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistanyň raýatynyň pasportynyň resmileşdirilmegi we berilmegi üçin şu möçberlerde ýygym alynýar:

a) Türkmenistanyň raýatynyň pasportyny resmileşdirmegiň we bermegiň meseleleri boýunça arzalaryň kabul edilmegi hem-de hasaba alynmagy üçin- 10 amerikan dollary;

b) 16 ýaşynyň dolmagy boýunça pasportyň resmileşdirilmegi we berilmegi üçin -10 amerikan dollary;

ç) çalyşmak boýunça pasportyň resmileşdirilmegi we berilmegi üçin - 25 amerikan dollary;

d) ýitirilmegi ýa-da zaýalanmagy sebäpli, pasportyň resmileşdirilmegi we berilmegi üçin- 50 amerikan dollary;

e) azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinden boşan adamlara pasportyň resmileşdirilmegi we berilmegi üçin - tölegsiz.

Pasportyň zaýalanmagy ýa-da ýitirilmegi üçin 20 amerikan dollary möçberde jerime alynýar.

## VII. Daşary ýurtlarda hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara Türkmenistanda ýaşamak üçin wizanyň resmileşdirilmegi hem-de berilmegi üçin ýygymlar

28. Daşary ýurtlarda hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara Türkmenistanda ýaşamak üçin wizanyň resmileşdirilmegi hem-de berilmegi üçin şu möçberlerde ýygymlar alynýar:

a) ýaşamak üçin wizany resmileşdirmegiň we bermegiň meseleleri boýunça towakganamalaryň kabul edilmegi hem-de hasaba alynmagy üçin - 10 amerikan dollary

b) ýaşamak üçin wizanyň resmileşdirilmegi we berilmegi üçin- 50 amerikan dollary;

w) ýaşamak üçin wizanyň öwezliginiň resmileşdirilmegi we berilmegi üçin - 80 amerikan dollary.

## VIII. Daşary ýurtlarda raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylaryna degişli meseleler boýunça namalaryň resmileşdirilmegi üçin ýygymlar

29. Nikalaşmak hakyndaky arza garalmagy üçin-10 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

Nikanyň hasaba alynmagy we şahadatnamanyň berilmegi üçin - 20 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

Zerurlyk ýüze çykan mahaly nika hakyndaky maglumatlaryň hasaba alyş edarasyna iberilmegi, şol sanda degişli resmi namalaryň berilmegi üçin-10 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

30. Kazyýetden daşary tertipde nikanyň bozulmagy we bu barada şahadatnamanyň berilmegi üçin -100 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

Dereksiz ýiten ýa-da ruhy kesel ýa akyly kemlik sebäpli, kämillik ukybyny ýitiren diýlip kanun arkaly bellenilen tertipde ykrar edilen adamlar ýa bolmasa jenaýat edendigi üçin azyndan 3 ýyl möhlete azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen adamlar bilen, şeyle hem kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bolmadyk är-aýalyň nikany bozmak hakynda özara ylalaşygy bolan halatlarda nikanyň bozulmagynyň hasaba alynmagy üçin - 10 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

31.Çaganyň dogulmagynyň hasaba alynmagy we dogluş hakyndaky şahadatnamanyň berilmegi üçin - 30 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

32. Nikalaşmak, atalygy bellemegi, ogullyga-gyzlyga alynmagy hasaba almak bilen

baglanyşykly bolmadyk başga halatlarda familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň üýtgedilmegi hakyndaky maglumatlaryň resmileşdirilmegi üçin- 50 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

33. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň hasaba alynmagy hakyndaky şahadatnamalaryň gaýtadan berilmegi üçin - 20 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

## IX. Resmi namalaryň talap edilmegi üçin ýygymlar

34. Talap edilen her bir resmi nama üçin:

möçberi maşynda ýyglan 5 sahypadan köp bolmadyk ýazgy üçin 5 amerikan dollary alynýar;

möçberi maşynda ýyglan 5 sahypadan köp bolan ýazgynyň her bir soňraky sahypasy üçin 2 amerikan dollary alynýar.

Delilhatyň berilmegi üçin 15 amerikan dollary alynýar.

Eger resmi nama ýa-da ol baradaky maglumatlar tapylmasa, ýygym arza berijä gaýtarylyp berilmeýär.

Eýýäm kanunlaşdyrylan resmi nama konsullyk edarasyna gelen mahaly kanunlaşdyrylmagy üçin ýygym alynmaýar.

## X. Resmi namalaryň kanunlaşdyrylmagy we olara kepillendiriji hökmünde güwä geçilmegi üçin ýygymlar

35. Her bir resmi namanyň kanunlaşdyrylmagy üçin şu möçberlerde ýygym alynýar:

Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplaryndan -0,7*;

Türkmenistanyň raýatlaryndan -0,3*;

Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryndan we raýatlygy ýok adamlardan - 0,3* (*Türkmenistanda durmuş we beýleki tölegleri, salgytlary, ýygymlary, paçlary we jerimeleri hasaplamak üçin bellenen binýatlyk möçberiň paýlarynda);

daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplaryndan - 15 amerikan dollary;

daşary ýurt raýatlaryndan - 10 amerikan dollary.

36. Ynanç hatlaryna kepillendiriji hökmünde güwä geçilmegi üçin şu möçberlerde ýygym alynýar

a) emläkden peýdalanmaga we oňa ygtyýar etmäge şol sanda ulag
serişdeleri barada we karz amallaryny amala aşyrmaga hukuk üçin:

Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplaryndan - 30 amerikan dollary;

Türkmenistanyň şahsy adamlaryndan - 10 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň edara
görnüşindäki taraplaryndan - 50 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň şahsy adamlaryndan - 20 amerikan dollary;

b) adamlardan we edaralardan poçta göndermeleri boýunça hem-de süýşürintgiler banklarynda puluň posylkalaryň hat-habarlaryň we başgalaryň alynmagy, goýuma ygtyýar edilmegi üçin, şeýle hem gaýtadan ynanmak tertibinde berilýän ynanç hatlaryna güwä geçilmegi üçin:

Türkmenistanyň edara görnüşindäki
taraplaryndan - 10 amerikan dollary;

Türkmenistanyň şahsy adamlaryndan - 5 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň edara
görnüşindäki taraplaryndan - 15 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň şahsy adamlaryndan - 10 amerikan dollary;

ç) arza berijiniň kesgitlän beýleki hukuklary üçin:

Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplaryndan - 10 amerikan dollary;

Türkmenistanyň şahsy adamlaryndan - 5 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň edara
görnüşindäki taraplaryndan - 15 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň şahsy

adamlaryndan - 10 amerikan dollary;.

37. Kepillendiriji hökmünde güwä geçilmegi üçin şu möçberlerde ýygym alynýar:

a) nyrh kesilmäge degişli şertnamalar barada-şertnamada görkezilen möçberiň ýüzden 5 bölegi, ýöne azyndan 10 amerikan dollary;

b) awtoulag serişdeleriniň peşgeş berilmegi hakyndaky şertnamalar barada:

çagalara, äre-aýala, ata-enä berlende - peşgeş berilýän zadyň hakyky bahasyndan ugur alnyp, ýüzden 3 bölegi möçberde;

beýleki raýatlara berlende - peşgeş berilýän zadyň hakyky bahasyndan ugur alnyp, ýüzden 5 bölegi möçberde;

ç) emlägi paýlaşmak, zamunçylyk şertnamalary we nyrh kesilmegine degişli bolmadyk beýleki şertnamalar barada:

şahsy adamlardan - 10 amerikan dollary;

eger taraplaryň biri edara görnüşindäki tarap bolsa - 50 amerikan dollary;

d) emlägi kireýine almak hakyndaky şertnamalar we geleşikler barada - resmi namada görkezilen möçberiň ýüzden 5 bölegi möçberde, ýöne azyndan 10 amerikan dollary.

38. Goluň hakykylygyna güwä geçilmegi üçin şu möçberlerde ýygym alynýar:

Türkmenistanyň edara göraüşindäki taraplaryndan - 10 amerikan dollary;

Türkmenistanyň şahsy adamlaryndan - 5 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplaryndan - 20 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň şahsy adamlaryndan - 10 amerikan dollary;

39. Nusgalaryň dogrudygyna güwä geçilmegi üçin şu möçberlerde ýygym alynýar:

a) resmi namalar we olardan göçürmeler (bir sahypa üçin):

Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplaryndan - 10 amerikan dollary;

Türkmenistanyň şahsy adamlaryndan - 5 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplaryndan - 20 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň şahsy adamlaryndan - 15 amerikan dollary;

b) fotonusgalar:

Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplaryndan - 5 amerikan dollary;

Türkmenistanyň şahsy adamlaryndan - 3 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplaryndan - 15 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň şahsy adamlaryndan - 10 amerikan dollary;

40. Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilçiliklerindäki we konsullyk edaralaryndaky işlerde bolan resmi namalardan göçürmeleriň ýa-da nusgalaryň berilmegi üçin (bir sahypa üçin) şu möçberlerde ýygym alynýar:

Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplaryndan - 10 amerikan dollary;

Türkmenistanyň şahsy adamlaryndan - 5 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplaryndan - 15 amerikan dollary;

daşary ýurt döwletleriniň şahsy adamlaryndan - 10 amerikan dollary;

41. Şol birwagtyň özünde dogrulygyna kepillendiriji hökmünde güwä geçmek bilen, terjime edilmegi (her bir sahypa) üçin şu möçberlerde ýygym alynýar:

daşary ýurt dillerinden türkmen diline - 20 amerikan dollary;
daşary ýurt dillerinden rus diline - 10 amerikan dollary;
türkmen dilinden daşary ýurt dillerine - 30 amerikan dollary;
türkmen dilinden rus diline - 20 amerikan dollary;
rus dilinden türkmen diline - 15 amerikan dollary;
rus dilinden daşary ýurt dillerine - 10 amerikan dollary.

42. Konsullyk edarasy gatnaşmazdan edilen terjimäniň dogrudygyna güwä geçmek (her bir sahypasy) üçin - 10 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

43. Resmi namalaryň ýazylyp göçürilmegi üçin - 5 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

44. Awtoulag serişdeleriniň satyn alynmagyna güwä geçýän namalaryň resmileşdirilmegi üçin şol serişdeleriň söwda kärhanalary tarapyndan bellenilen bahasynyň ýüzden 1 bölegi, ýöne azyndan 100 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

## XI. Howandarlyk, mirasdarlyk we beýleki emläk işleriniň ýöredilmegi üçin ýygymlar

45. Howandaryň bellenilmegi hakyndaky güwanamanyň düzülmegi üçin - 10 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

Howandarlyk edilýän emlägi dolandyrmak boýunça hasabatyň tassyklanylmagy üçin - onuň bahasynyň ýüzden 1 bölegine barabar möçberde ýygym alynýar.

46. Miraslyk emlägiň teswiriniň düzülmegi we şol emlägi gorap saklamak boýunça çäreleriň görülmegi üçin - emlägiň bahasynyň ýüzden 1 bölegi, ýöne azyndan 15 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

Emlägiň berlen teswir boýunça barlanylmagy üçin - onuň bahasynyň ýüzden I bölegi möçberde, ýöne azyndan 10 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

Mirasdarlary jaýyň, garawullaryň, ulagyň hakyna tutulanlygy üçin çykdajylary iş sapary üçin çykdajylary, poçta, kanselýariýa we miras alnan emlägi goramak boýunça beýleki harajatlary hem töleýär.

47. Wesýetnama kepillendiriji hökmünde güwä geçilmegi üçin - 20 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

Miras berijiniň haýyşy boýunça oňa haýsydyr bir üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmegi üçin - 5 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

48. Kanun boýunça ýa-da wesýetnama boýunça miras almak hukugy hakyndaky şahadatnamanyň berilmegi üçin - miras alynýan emlägiň mirasdarlyk açylan pursatdaky bahasynyň ýüzden 1 bölegine barabar möçberde ýygym alynýar.

49. Jemagat söwdasynda harytlaryň ýa-da beýleki emlägiň satylmagy üçin- gazanylan puluň ýüzden 3 bölegi möçberde, ýöne azyndan 20 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

50. Agtarylýan ýa-da talap edilýän emlägiň berilmegi üçin - onuň bahasynyň ýüzden 1 bölegi möçberde, ýöne azyndan 20 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

51. Şularyň konsullyk edarasynda saklanylmagy üçin:

içinde resmi namalar bolan bukjanyň - aýda -5 amerikan dollary;
wesýetnamanyň-aýda -10 amerikan dollary;

pullaryň gymmatly kagyzlaryň we beýleki gymmatlyklaryň (miras alnanlardan başga) - olaryň möçberiniň ýa-da bahasynyň aýda ýüzden 0,1 bölegi möçberde ýygym alynýar.

Ýygym saklanylmagynyň çak edilýän wagtynyň bütin dowamy üçin öňünden alynýar.

Pullar, gymmatly kagyzlar we beýleki gymmatlyklar 6 aýdan köp möhlete saklamaga kabul edilen mahaly ýygym 6 aý üçin öňünden alynýar.

52. Bahasy 100 amerikan dollaryna çenli bolan emlägiň degişliligi boýunça bermek üçin 6 aýa çenli möhlete saklamaga kabul edilmegi üçin - aýda 5 amerikan dollary;

bahasy 100 amerikan dollaryndan köp bolan emlägiň kabul edilmegi üçin-aýda 10 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

## XII. Deňiz we howa gämilerine konsullyk hyzmatlarynyň edilmegi üçin ýygymlar

53.Türkmenistanyň balykçy, söwda we howa gämileri, şeýle hem harby ulag serişdeleri babatda konsullyk hereketleri mugt geçirilýär;

şu Düzgünnamanyň 53- 58-nji bölümlerinde göz öňünde tutulan hereketler muňa girmeýär.

54. Deňiz garşylyknamasynyň bildirilmegi üçin - 25 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

55. Daşary ýurt döwletiniň baýdagy astynda ýüzýän gämä ýük ýüklemek we ondan ýük düşürmek üçin şahadatnamanyň berilmegi we ýük hakyndaky beýleki resmi namalara güwä geçilmegi üçin- 50 amerikan dollary;

Türkmenistanyň baýdagy astynda ýüzmek hukugy hakyndaky ýa-da gämä eýeçilik hukugy hakyndaky wagtlaýyn şahadatnamanyň berilmegi üçin - 100 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

56. Gämi resmi namalarynyň hereket edýän möhletiniň uzaldylmagy we gämi žurnallarynyň resmileşdirilmegi üçin - 20 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

57. Arassaçylyk şahadatnamasyna, dürli delilhatlara, arzalara güwä geçilmegi, ýük hakyndaky şahadatnamanyň berilmegi, komandanyň agzalarynyň gämi roluna girizilmegi ýa-da ondan çykarylmagy üçin - 20 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

58. Gämi roluna we gämi žurnalyna goşmaça sahypalaryň ýelmenmegi üçin- 15 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.

59. Bibat bolan ýa-da ogurlanylan gäminiň halas edilmegi hakyndaky teswirnamanyň resmileşdirilmegi üçin-25 amerikan dollary möçberde ýygym alynýar.